# Mollany haýykdyran waka

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Mollany haýykdyran waka MOLLANY HAÝYKDYRAN WAKA

Goňşy obalaryň birinde ýaşaýan tanşymyň enesiniň ýasyna – kyrkyna görünmäge barşymdy. Ýas ýerine gelip-gidýänleriň yzy üzülmeýärdi. Köçäniň gyrasynda gelen-gidene ugur-ýol görkezip oturan ýaşuly jaýyň kölegesinde ýazylan keçäniň üstündäki adamlara tarap barybermelidigini salgy berdi. Biz diýlen ýere baryp, türkmençiligiň däbine görä, görşüp çykdyk. Saçak ýazylyp, tagam getirildi. Merhumyň ruhuna aýat-töwir galdyryldy.
Gabat garşymda oturan gür sakgally, peşeneli ýaşulynyň gelene-gidene aýat okap berşine gabak astyndan synlap oturyşyma, şol obanyň mollasydyr çak etdim. Men ýalňyşmandyryn. Hakykatdanam, şol peşeneli ýaşuly obanyň iň hormatlanylýan mollasy eken. Oba adamlary mollanyň gyzyl ýaly adamlaryň hilindendigini gürrüň berdiler.
Şol mahal taýak atym golaýymyzda bäş-alty ýaşlyja çagalar öz oýunlary bilen gümrady. Sähel salymdan ýaňky çagalaryň sözleri azaşdymy-nämemi, biri çirkin aglap başlady. Şol çirkin çykan ses oturanlaryň hemmesiniň ünsüni çekdi.
Ýaňky aglamyşlaýam çagajygyň ejesi bolara çemeli. Çagasynyň sesini eşidip, ýaşmak-da ýok, zat-da, «etek alty, ýeň ýedi» bolup, agzyna geleni gargynjyrap gelşini görüp, oturan adamlar haýykdy. Onuň zybanyndan çabraýan sözleri iki aýakly bendesi eşider ýaly däl. Şol mahal o gelin öz çagasyny agladan çagajyga gygyrýanam bolsa, oturanlaryň üstüne gygyrylýan ýaly bolup eşidildi. Ýogsam, adamlaryň arasynda uly iliň hormatlaýan mollasyndan başga-da, gelniň gaýynagasam, gaýynatasam bar ahyryn. Molla-da, adamlaram gelniň gykylygyna ýüzlerini aşak salmak bilen jogap berdiler.
Mollanyň çepinde oturan inçemek ýüzli, ak sakgally goja gelin çagasy bilen gözden ýitýänçä, ýakasyny tutup oturyşyna, «tobacco estagpyrylla» diýen sözi birnäçe gezek gaýtalady.

Töweregiñ goh-galmagaly ýatyşansoñ, haýykmadan ýaña ýüzüni aşak sallap oturan molla aga-da az-kem demini dürsedi. Şondan soñ, molla aganyñam, beýleki adamlaryñam oturyp, mazasy bolmady. Tizden turmak bilen boldular. Molla aga turup barýarka, gapdalyndaky ýaşuludan ýañky gelniñ nirelidigini sorady.
– Sakgaldaş, ýañky kimiñ maşgalasy, tanamadym-la?
– Molla aga, ýañky gelin ýas ýeriniñ goñşusy, özem obamyzyñ ilersindäki pylanyñ gyzy bolmaly…
Molla aga-da «Hä, olardan diýsene…» diýdi-de, öz ýoluna rowana boluberdi.
Ine, şeýlekin häsiýetli maşgalalary görüp, «Başdan daş etsin» diýäýmekden başga alaç galmaýar. Megerem, gudaçylyga barylmazdan öñ «musulman ýeriñ maşgalasymy?» diýlip soralmagy hem şondan bolsa gerek.

Döwletmyrat AKMYRADOW,
Murgap etrabynyñ 10-njy orta mekdebiniñ mugallymy.
Jemgyýetçilik tankydy